# Hindi gyzy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hindi gyzy HINDI GYZY



Hindi gyzy aýdym aýdyp,
Ýaman etdiň ýüregimi.
Ýatlatdyň ýaňadan gaýdyp,
Ýatlaman – diýp ýörenimi.
Aldandyňda uýduň bütin,
Ykbalyňa ezeliňe.
Meňzeş seniň tebigatyň,
Sada türkmen gözeline.

Ýürek näçe küýsese-de,
Söýgüliňe bakmadyň sen.
Göz ýaş näçe güýjese-de,
Ilden pynhan sakladyň sen.

Ýatlatdyň sen şeýdip-şeýdip,

Ýatlaman diýp ýörenimi.
Hindi gyzy aýdym aýdyp,
Ýaman etdiň ýüregimi.

Italmaz AKMYRADOW. Goşgular